# «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýyly mynasybetli ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Building Bridges with Spelling Bee» atly iňlis dilinde sözleri harplap aýtmak bäsleşigini guramak we geçirmek barada

# DÜZGÜNNAMA

Parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk hem-de oňyn Bitaraplyk ýurdumyzyň türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän daşary syýasatynyň esasyny düzýär.

Ýurdumyzyň Durnukly ösüş maksatlary, öňüni alyş diplomatiýasy, derwaýys sebit meseleleri boýunça halkara giňişlikde öňe sürýän daşary syýasy başlangyçlary Birleşen Milletler Guramasy we beýleki abraýly halkara düzümler tarapyndan yzygiderli goldanylýar. 2024-nji ýylyň 21-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde 86 döwletiň awtordaş bolup çykyş etmeginde «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi munuň aýdyň güwäsidir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylalaşyklylyk, hoşniýetlilik, dost-doganlyk, ynsanperwerlik ýörelgelerini ýaşlaryň arasynda giňden wagyz etmek, Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen milli we halkara derejede alyp barýan hyzmatdaşlygy, ählumumy parahatçylyk medeniýetini ilerletmekdäki möhüm orny babatynda bilimlerini artdyrmak, hem-de iňlis diline ezber, zehinli ýaşlary ýüze çykarmak maksady bilen 2025-nji – «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» mynasybetli ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda **«Building Bridges with Spelling Bee»** atly iňlis dilinde sözleri harplap aýtmak bäsleşigini guramak we geçirmek boýunça şu Düzgünnama işlenip taýýarlandy.

## I. Umumy düzgünler

1. Şu Düzgünnama ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda **«Building Bridges with Spelling Bee»** atly iňlis dilinde sözleri harplap aýtmak bäsleşigini (mundan beýläk – Bäsleşik) guramagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ony geçirmegiň maksadyny, wezipesini we tertibini kesgitleýär;

2. Bäsleşik Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň goldamagy bilen Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk instituty tarapyndan guralýar;

3. Guramaçylygy we usulyýeti utgaşdyrmak Bäsleşigi guraýjy tarapyndan alnyp barylýar.

## II. Bäsleşigiň maksady we wezipeleri

1. Türkmenistanyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň dowamyndaky işleriniň we ileri tutýan ugurlarynyň Konsepsiýasyny durmuşa ornaşdyrmagyň meýilnamasyny amala aşyrmak;

2. Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatyny, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň parahatçylyk, ynanyşmak, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerini, Birleşen Milletler Guramasynyň parahatçylyk medeniýetini ilerletmegiň, dialogy pugtalandyrmagyň, hemmeler üçin howpsuz we parahat gurşawy döretmegiň hem-de durnukly ösýän global jemgyýeti emele getirmegiň hatyrasyna alyp barýan işini ýaşlaryň arasynda wagyz etmek;

3. Hemmeler üçin parahatçylygy we gülläp ösüşi üpjün etmegiň “Ýol kartasy” bolan Durnukly ösüş maksatlary barada habarlylygy we sowatlylygy artdyrmak;

4. Daşary ýurt (iňlis) dillerini kämil bilýän zehinli ýaşlary ýüze çykarmak we ukyplaryny artdyrmak;

5. Talyplaryň nazary we amaly bilimlerini berkitmek hem-de kämilleşdirmek, aragatnaşyk saklamak ukybyny barlamak;

6. Olarda iňlis dilini has çuňňur öwrenmäge bolan höwesi artdyrmak.

## III. Guramaçylyk topary

1. Bäsleşigiň geçiriliş tertibini, möhletini, gatnaşyjylaryň we ýeňijileriň sanawyny, emin agzalary we sözleýjini *(pronouncer)* kesgitleýär;

2. Ýokary okuw mekdepleriniň wekilleri bilen bäsleşigi guramaçylykly geçirmek babatynda aragatnaşyk saklaýar.

3. Bäsleşigiň ortaça geçiriliş tertibi bilen tanyşmak üçin:

## IV. Bäsleşige gatnaşyjylar

1. Bäsleşige ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň dürli hünärleriniň, taýýarlyk ugurlarynyň talyplary gatnaşyp biler;

2. Bäsleşige her ýokary okuw mekdebinden 3 talyp (eger bar bolsa Durnukly Ösüş Maksatlarynyň Ýaş ilçileri bäsleşiginiň ýeňijileri) gatnaşyp biler;

3. Bäsleşige gatnaşmak isleýän talyplaryň hasaba alynyşygy 2025-nji ýylyň fewral aýynyň 10-yna çenli dowam edýär;

4. Bäsleşige gatnaşmak isleýän talyplaryň hasaba alnyşygy üçin ýokary okuw mekdebinden bellenen jogapkär mugallym Gatnaşyjylaryň hasaba alnyş maglumatyny (1-nji goşundy) anyk we dogry doldurmaly we bellenen senä çenli Bäsleşigiň Guramaçylyk toparynyň elektron salgysyna **diller.tdbgi@gmail.com** ugratmaly.

## V. Bäsleşigi guramagyň we geçirmegiň tertibi

1. Bäsleşik şahsy bäsleşik bolup, BMG-niň çäginde ulanylýan adalgalary iňlis dilinde harplap aýtmak görnüşinde geçirilýär *(mysal üçin: peace, unity, trust)*;

1. Bäsleşik 2025-nji ýylyň fewral aýynyň 20-sine Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mejlisler zalynda iki tapgyrda – saýlama we jemleýji tapgyrlary boýunça geçiriler;

2. Her tapgyrda sözleriň çylşyrymlylyk derejesi ýokarlanar;

3. Gatnaşyjylar bäsleşigiň talaplaryna doly laýyk gelmeli:

 3.1. Gatnaşyjylara bäsleşikde harplap aýtmak üçin beriljek sözleriň ählisi iňlis dilinde BMG, parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgeleri, Durnukly Ösüş Maksatlary bilen bagly bolar;

 3.2. Her bir gatnaşyjynyň harplap aýtmak üçin berlen sözüň kesgitlemesini, sözlem içinde getirilişini Sözleýjiden soramaga hukugy bar;

 3.3. Gatnaşyja sözi harplap aýtmak üçin 1 (bir) synanyşyk berilýär. Olara sözi harplap aýdyp başlanyndan soň aýdan harpyny üýtgetmäge, goşmaça maglumat soramaga rugsat berilmeýär;

 3.4. Gatnaşyjy sözi harplap aýtmaga başlamazdan ozal sözleýjiden berlen sözi gaýtalap aýtmagyny sorap biler;

 3.5. Berlen sözi ýalňyş harplan gatnaşyjy tapgyrdan çykýar.

 3.6. Sözleri harplap aýtmak üçin ortaça 30 sekund wagt berilýär;

 3.7. Saýlama tapgyrda sözleri dogry harplap aýdan gatnaşyjylar jemleýji tapgyrda ýaryşmaga hukuk gazanar;

 3.8. Jemleýji tapgyrda gatnaşyjylar deň görkezijileri görkezse, ýeňijiler belli bolýança ýaryş has çylşyrymly sözler bilen dowam eder.

## VI. Bäsleşigiň ýeňijilerini kesgitlemegiň we sylaglamagyň tertibi

1. Bäsleşigiň jemleýji tapgyrynda sözleýji *(pronouncer)* tarapyndan berlen sözleri ýalňyşsyz harplap aýdan gatnaşyjylar bäsleşigiň ýeňijileri diýlip yglan ediler;
2. Bäsleşigiň ýeňijileri Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň adyndan Baş baýrak, I, II, III orunlary eýeländiklerini tassyklaýan Diplomlar we Hormat hatlary bilen sylaglanarlar.

Habarlaşmak üçin: ***diller.tdbgi@gmail.com*** **865151899; 863022828**

**Goşundy 1**

---

**(ÝOM-iň ady)**

**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk instituty tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» mynasybetli 2025-nji ýylyň fewral aýynyň 20-sine geçiriljek «Building Bridges with Spelling Bee» atly iňlis dilinde sözleri harplap aýtmak bäsleşigine gatnaşjak talyplar barada**

**MAGLUMAT**

| T/b | Talybyň ady, familiýasy we atasynyň ady | Hünäri/taýýarlyk ugry | Okaýan ýyly |
|---|---|---|---|
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |

**Jogapkär mugallymyň ady, familiýasy we atasynyň ady; elektron poçtasynyň salgysy, telefon belgisi**